# Aşyk Aýdyñ piriñ huzurynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Aşyk Aýdyñ piriñ huzurynda AŞYK AÝDYÑ PIRIÑ HUZURYNDA

Bagşy-sazandalañ göwün yhlasy,
Piriñ huzurynda guş kimin uçýar.
Ylham daşyp, joşa gelen ýürekde,
Heser bilen zehin dünýäsin açýar.

Gije-gündiz saz-söhbetdir, aýdymdyr,
Dutaryñ sesine oýanýar guşlar.
Çyn zehinden gaýnap çykýan namalar,
Säherler ýañlanyp, ömri nagyşlar.

Arzuwlar – umytda, hyýal – hyruçda,
Päller – düzüw, niýet akdyr bu ýerde.
Kalpda – rahatlyk,
Ýürekde – aram,
Yhlasa myrat bar
Gudratly pirde.

Göwher AHMEDOWA. Goşgular